#180 (202)
среда, 5 июня 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**31-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşyna degişli birnäçe möhüm meseleler girizildi.**

**Milli parlamentde**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygynyň milli ykdysadyýetimizi mundan beýläk-de pugtalandyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak boýunça alnyp barylýan kanunçylyk işi baradaky maglumaty diňlenildi. Şunuň bilen baglylykda, Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy we raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek boýunça kanun taslamalaryny işläp taýýarlamak, birnäçe kanunlara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek babatda ýerine ýetirilýän işler hakynda aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylyk ulgamyny döwrebaplaşdyrmagy dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Şeýle hem raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek bilen bagly kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işleri alyp barmagyň wajypdygyna üns çekdi.

**Ykdysadyýetde**

Milli ykdysadyýetimize gözegçilik edýän wise-premýeriň hasabatynda 2025-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hem-de maýa goýum Maksatnamasynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada aýdyldy. Onda Döwlet býujetini düzmek üçin ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler tarapyndan berilmäge degişli hasabatlary hem-de maglumatlary taýýarlamagyň tertibi we möhletleri kesgitlenildi. Geljek ýylyň Döwlet býujeti, maliýe-ykdysady görkezijileri düzülende, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan möhüm wezipelerden ugur alnar. Indiki ýylda ýurdumyzyň makroykdysady ýagdaýyny durnukly saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny depginli ösdürmegi dowam etdirmek, maýa goýumlaryň esasy bölegini önümçilikleriň düýpli döwrebaplaşdyrylmagyna gönükdirmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek hem-de ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak maksat edinilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Döwlet býujetiniň esasy maliýe resminamasy bolup durýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň 2025-nji ýyl üçin Döwlet býujetini düzmek hakynda» Karara gol çekdi.

**Nebitgaz toplumynda**

Soňra ýangyç-energetika toplumynda, hususan-da, «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan gaz känlerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy barada hasabat berildi. «Galkynyş» gaz känini özleşdirmek boýunça işleriň çäklerinde «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan birnäçe guýularda, şol sanda guýulary özleşdirmek bilen bagly dolandyryş ulgamyny degişli enjamlar bilen üpjün etmek boýunça anyk çäreler görülýär. Bu desgalaryň zerur maddy-tehniki serişdeler bilen bökdençsiz üpjün edilmegi olarda önümçilik işlerini alyp barmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabatdan soň, içerki we daşary ýurtly sarp edijileri tebigy gaz bilen ygtybarly üpjün etmek üçin ýurdumyzda tebigy gazyň çykarylýan möçberini artdyrmagyň wajyp bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz täze gaz guýularyny burawlamak we olary önümçilige doly birikdirmek babatda wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Elektroenergetika pudagynda

Ýurdumyzyň elektroenergetika pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabatda bellenilişi ýaly, täze gaz turbinaly we utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýalary, transformator beketleri, elektrik geçirijiler gurulýar, hereket edýänleriniň durky täzelenilýär. Bu desgalaryň kadaly işledilmegini üpjün etmek hem-de zerur bolan abatlaýyş işlerini geçirmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabat bilen tanşyp, elektrik energiýasyny sarp edijileri ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmek üçin elektrik stansiýalarynyň, beketleriň, elektrik geçirijileriň kadaly işledilmeginiň zerur bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, elektroenergetika pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek baradaky teklibi goldap, hormatly Prezidentimiz wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

**Söwdada**

Soňra Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe söwda toplumynyň işini kämilleşdirmek, eksportyň möçberini we ugurlaryny giňeltmek boýunça alnyp barylýan işler baradaky hasabat diňlenildi. Onda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň işini döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek, ýurdumyzda öndürilýän önümleri daşarky bazarlara ýerlemek, eksport edilýän, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň nyrhlaryna gözegçilik etmek, önüm öndürijilerimiziň eksport mümkinçiliklerine ýardam bermek maksady bilen, bu ulgamyň işine öňdebaryjy tehnologiýalary we sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça zerur işler ýerine ýetirilýär.

Döwlet Baştutanymyz eksport we import edilýän harytlaryň nyrhlaryna gözegçiligi amala aşyrmagyň zerurdygyna ünsi çekip, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasyna maglumat hyzmatlaryny ýerine ýetirmek baradaky teklibi goldady hem-de bu babatda wise-premýere birnäçe görkezmeleri berdi.

**Medeniýet ulgamynda**

Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, Medeniýet hepdeligini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada bu ugra gözegçilik edýän wise-premýer hasabat berdi. Şu ýyl bu çäräni türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen bina edilen Arkadag şäherinde guramak meýilleşdirilýär. Wise-premýer Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde dürli çäreleriň guraljakdygyny aýdyp, onuň meýilnamasynyň taslamasyny hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz meýilnama bilen tanşyp, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlap, Medeniýet hepdeligini ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy. Şeýle-de wise-premýere medeniýetimizi ösdürmek, milli mirasymyzy gorap saklamak hem-de halkara derejede giňden wagyz etmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek babatda görkezmeler berildi.

* * *

Şeýle hem Hökümet mejlisiniň dowamynda oba hojalygynda, ylym, bilim, sport we saglygy goraýyş ulgamlarynda, daşary syýasatda, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginde alnyp barylýan işlere garalyp, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ХОРВАТИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Хорватия Зорану Милановичу и всему народу страны по случаю национального праздника Республики Хорватия – Дня государства.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Президенту Зорану Милановичу искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Республики Хорватия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ИТАЛЬЯНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Итальянской Республики Серджио Маттарелла и дружественному народу страны по случаю Национального праздника Италии – Дня Республики.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Серджио Маттарелла пожелания крепкого здоровья и счастья, а дружественному народу Итальянской Республики – мира, благополучия и процветания.




# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI KÖPÇÜLIKLEÝIN WELOSIPEDLI ÝÖRIŞE GATNAŞDY

**2024-nji ýylyň 3-nji iýunynda asylly däbe görä, Türkmenistanda Bütindünýä welosiped güni bellenildi. Birleşen Milletler Guramasynyň senenamasynda mynasyp orun eýeleýän bu halkara baýram mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe Prezident Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy.**

Mälim bolşy ýaly, 2018-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy esasynda 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi.

Şeýle-de 2022-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynda ýurdumyzyň teklibi boýunça «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigini bellemek gerek. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, sport jebisleşdiriji, ruhlandyryjy güýç bolmak bilen, ählumumy parahatçylygy, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga hyzmat edýär.

Baýramçylyk mynasybetli guralýan welosipedli ýörişiň badalga alýan ýeri bolan Çandybil şaýoly bilen Bekrewe köçesiniň çatrygynda ýerleşýän «Welosiped» binasy Aşgabadyň özboluşly desgalarynyň biridir. Bu ýere Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şäher häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary ýygnandylar. Ýörişe daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri hem gatnaşýarlar.

Bu ýere ýygnananlaryň hatarynda Döwletliler köşgünde terbiýelenýänler, Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebiniň, umumybilim berýän mekdepleriň okuwçylary, Türkmenistanyň welosport boýunça ýygyndy toparynyň türgenleri, talyplar, jemgyýetçilik wekilleri-de bar.

Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň Çandybil we Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň ugry bilen ýol aljak köpçülikleýin welosipedli ýörişe badalga berip, oňa gatnaşyjylaryň kerweniniň öňüni çekdi.

Şu gezekki çärä Aşgabat - Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary - Tejen - Aşgabat bölegi aralyga ilkinji gezek guralan welosipedli ýörişe gatnaşan türgenler hem goşuldylar.

Ýolugruna Prezident Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň paýtagtymyza gözegçilik edýän Orunbasary B.Annamämmedowa ýüzlenip, alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen gyzyklandy. Wise-premýer döwlet Baştutanymyza paýtagtymyzy mundan beýläk-de abadanlaşdyrmak, ekologik abadançylygy üpjün etmek boýunça görülýän çäreler, gurluşygy dowam edýän desgalardaky işleriň ýagdaýy barada habar berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Aşgabady ösdürmegiň konsepsiýasynyň durmuşa geçirilişine ünsi çekip, şäher infrastrukturasyny kämilleşdirmek, paýtagtymyzdaky seýilgählere we seýilbaglara talabalaýyk ideg etmek, şäher ýaşaýjylary üçin amatly şertleri, sport bilen meşgullanmak üçin mümkinçilikleri döretmek meselelerini hemişe üns merkezinde saklamagy tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz şular barada aýtmak bilen, ähli alnyp barylýan işlerde ekologik ugra möhüm ähmiýet berilmelidigini aýratyn nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti welosipedli ýörişi ussatlarça tamamlap, paýtagtymyzdaky Ruhyýet köşgüniň ýanyndaky pellehana bardy.

Soňra döwlet Baştutanymyz Bütindünýä welosiped gününe bagyşlanyp geçirilen köpçülikleýin sport çäresine gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, hemmelere berk jan saglyk, üstünlikleri arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

Şol bir gün Bütindünýä welosiped güni mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişler Arkadag şäherinde we ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem guraldy.

# Состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана с Главой Представительства ЮНИСЕФ в Туркменистане

4 июня 2024 года состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Главой Представительства ЮНИСЕФ в Туркменистане Мохаммадом Фаязи.

В ходе встречи Министр поблагодарил и поздравил М.Фаязи с успешным завершением миссии в качестве Главы Представительства ЮНИСЕФ в Туркменистане и пожелал успешной, плодотворной деятельности в будущем.

Дипломаты, обсудив актуальные вопросы и перспективные векторы дальнейшего развития многолетнего сотрудничества, с удовлетворением отметили высокий уровень сотрудничества между Туркменистаном и Детским фондом ООН.



Кроме того, стороны рассмотрели вопросы реализации Страновой программы ЮНИСЕФ для Туркменистана на 2021-2025 годы, приоритетными направлениями которой являются управление в интересах детей, здоровье ребёнка, его питание и раннее развитие, социальная защита детей и качественное инклюзивное образование.

Была отмечена значимость деятельности Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова в оказании медицинских услуг нуждающимся в восстановлении здоровья детям.

В завершение встречи М.Фаязи поблагодарил за оказываемую все эти годы поддержку в успешной работе возглавляемой им дипломатической миссии.

# В МИД Туркменистана состоялись туркмено-иракские политические консультации

5 июня 2024 года в МИД Туркменистана состоялись туркмено-иракские политические консультации между Министерствами иностранных дел двух стран. Туркменскую сторону возглавил заместитель министра иностранных дел Туркменистана – Сердар Мухамметдурдыев, иракскую – заместитель министра иностранных дел Ирака Мохаммед Бахр Аль-Улум.

В ходе консультаций были обсуждены вопросы наращивания двусторонних отношений в различных направлениях. Была подчеркнута важность расширения договорно-правовой базы сотрудничества.

Учитывая важную роль парламентской дипломатии в развитии дружественных отношений между государствами, озвучено предложение о создании Туркмено-иракской межпарламентской группы дружбы.

Также констатировалось, что Туркменистан и Ирак конструктивно взаимодействуют в рамках международных структур, о чём свидетельствует обоюдная поддержка выдвигаемых двумя государствами инициатив и предложений.

В рамках встречи, туркменская сторона, отметив, что в текущем году широко отмечается 300-летие Махтумкули Фраги, пригласила руководство Ирака на Саммит на уровне глав государств и правительств, который состоится в октябре текущего года.

Кроме того, приоритетным направлением межгосударственного партнёрства была названа торгово-экономическая сфера. В данном контексте отмечалось, что Туркменистан и Ирак располагают достаточным потенциалом для увеличения объёмов взаимной торговли, инвестиций, осуществления взаимовыгодных проектов в различных отраслях, в том числе в области транспорта, энергетики и водного хозяйства.

Говоря о культурно-гуманитарном партнерстве, была высказана убеждённость в наличии больших возможностей для совместной деятельности в области науки, образования, спорта и туризма.

Интернет газета
Международные новости

## В Меджлисе Туркменистана состоялась встреча с Региональным представителем УВКПЧ ООН



29 мая 2024 года Председатель Меджлиса Туркменистана Д.Гулманова провела встречу с Региональным представителем Управления Верховного Комиссара ООН по правам человека для Центральной Азии (УВКПЧ ООН) Матильдой Богнер.

В ходе встречи стороны обменялись мнениями по актуальным вопросам развития сотрудничества Туркменистана с УВКПЧ ООН. При этом, руководитель национального парламента подчеркнула, что в целях эффективного выполнения обязательств в области прав человека, наше государство осуществляет тесное и многоплановое сотрудничество с соответствующими международными организациями, прежде всего, в рамках ООН.

Забота о женщинах, повышение их роли в обществе, защита детей – одно из главных приоритетных направлений государственной политики нашего Героя Аркадага, уважаемого Президента Аркадаглы Героя Сердара. Согласно Конституции Туркменистана, созданы все условия и возможности для того, чтобы женщины страны могли свободно выбирать свою профессию, получать достойное образование, счастливой жизни детей. Наша страна конкретными действиями доказывает свою приверженность международным обязательствам по защите прав женщин и детей.

Стороны обсудили вопросы, связанные с работой Межведомственной комиссии по обеспечению выполнения международных обязательств Туркменистана в области прав человека и международного гуманитарного права.

Туркменская сторона также констатировала значимость вклада УВКПЧ ООН в работу по реализации национальных программ и планов в области прав человека, в частности, Национального плана действий (НПД) по правам человека на 2021-2025 годы.

## THE AMBASSADOR EXTRAORDINARY AND PLENIPOTENTIARY OF THE CZECH REPUBLIC IS ACCREDITED IN TURKMENISTAN

On June 4, 2024, on instructions of President Serdar Berdimuhamedov, Chairman of the Mejlis D. Gulmanova accepted credentials from the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Czech Republic to Turkmenistan Lubomir Frebort.



On behalf of the head of state, the head of the national Parliament congratulated the Ambassador on his appointment to a responsible diplomatic post, wishing him success in activities aimed at strengthening friendly relations and effective interstate dialogue developed on a bilateral and multilateral basis.

Expressing gratitude for the warm welcome on Turkmen soil, Lubomir Frebort conveyed best wishes from the leadership of the Czech Republic to President Serdar Berdimuhamedov.

During the talk, the Ambassador was informed about the priorities of the domestic and foreign policy pursued by the head of Turkmenistan, the most important vector of which is a consistently implemented strategy based on the principles of positive neutrality, equality and mutually beneficial cooperation.

When exchanging views on the prospects for building up bilateral relations, the importance of the results achieved in the development of relations in the trade, economic, cultural and humanitarian spheres, including at the parliamentary level, was emphasized.

At the end of the meeting, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Czech Republic to Turkmenistan Lubomir Frebort once again assured that he would make every effort to further develop fruitful cooperation that meets the interests of the two countries.

## CONFERENCE DEDICATED TO INTERNATIONAL CHILDREN'S DAY

On June 1, 2024, a conference dedicated to International Children's Day was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

The holiday began with a visit to the exhibition dedicated to International Children's Day, as well as watching performances by children participating in the celebration.

During the conference, speeches were made by Deputy Minister of Foreign Affairs Mahri Bashimova, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the European Union to Turkmenistan Beata Peksa, UN Resident Coordinator in Turkmenistan Dmitry Shlapachenko, Acting UNICEF Representative in Turkmenistan Alexandru Nartea, Head of the OSCE Center in Turkmenistan John McGregor, Authorized Representative for human rights in Turkmenistan Yazdursun Gurbannazarova, doctor of the Scientific and Clinical Center for Maternal and Child Health Allanur Saryev.

According to the speakers, one of the priority areas of Turkmenistan's state policy is the protection of the constitutional rights of children. State protection of childhood, raising children, caring for their health, development, education is a constitutional norm, according to which the fundamental rights and freedoms of children are ensured and protected in the country, all conditions are created for their comprehensive development and a decent, happy life.

The participants placed special emphasis on the role of creating the Gurbanguly Berdimuhamedov Charitable Foundation for Assistance to Children in Need of Care. It is noted that the fund's activities are multifaceted and cover a variety of aspects from financing complex medical operations and purchasing high-tech equipment for hospitals to financial assistance to boarding schools and orphanages.

As it was emphasized, the result of a fruitful dialogue that meets the ideological principles of universal well-being and progress has resulted in successfully implemented and currently ongoing projects and programs together with UNICEF, UNDP, WHO, UNFPA, OHCHR, OSCE and others. These projects and programs are aimed at solving priority tasks of state development, including in the field of child protection, and are also closely related to the SDGs. Turkmenistan has acceded to a number of important UN documents designed to protect the rights of women, mothers and children. In this context, together with the United Nations Children's Fund (UNICEF), programs and plans are being implemented to comprehensively develop the younger generation, improve family well-being, education and healthcare, and popularize the principles of a healthy lifestyle.



Then an Address was adopted to the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov on behalf of the conference participants, expressing gratitude for the state policy in the field of childhood, designed to ensure the full physical, intellectual, spiritual, moral development of the younger generation.

Интернет газета
Международные новости






## A meeting of the Intergovernmental Turkmen-Korean Commission for trade, economic, scientific and technological cooperation was held

On June 3, 2024, the 9th meeting of the Intergovernmental Turkmen-Korean Commission for trade, economic, scientific and technological cooperation was held via videoconference. The meeting was attended by heads and representatives of the relevant ministries and departments of the two countries.

The Turkmen delegation was headed by the Chairman of the board of the State Bank for Foreign Economic Activities of Turkmenistan Rahimberdi Jepbarov and the delegation of the Republic of Korea was represented by the Minister of Trade, Industry and Energy Ahn Dukgeun.

During the meeting, the parties discussed a wide range of issues of interstate cooperation, primarily in the field of economic partnership, chemical, oil and gas industries as well as healthcare. It was noted that bilateral cooperation, based on mutual interest of the parties, is reaching a qualitatively new level of interaction. In this context, given the economic potential of the two countries, the existence of great opportunities for enhancing partnership in the areas of trade, investment and transport has been confirmed.

In addition, the parties particularly noted that great importance is attached to summit and high-level meetings in the development and strengthening of cooperation between Turkmenistan and the Republic of Korea.

Following the meeting of the Intergovernmental Turkmen-Korean Commission for trade, economic, scientific and technological cooperation, a corresponding Protocol was signed.

## *В Женеве состоялась встреча Постоянного представителя Туркменистана при ЮНОГ с представителем Университета мира*



30 мая 2024 года состоялась встреча Постоянного представителя Туркменистана при Отделении ООН в Женеве Вепа Хаджиева с Постоянным наблюдателем Университета мира при ЮНОГ, Послом Давидом Фернандесом Пуяной.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы установления сотрудничества между Университетом мира и туркменской стороной, а также рассмотрены имеющиеся возможности для взаимодействия по части реализации выдвинутых ранее Президентом Туркменистана на полях Генеральной Ассамблеи ООН инициатив по разработке Глобальной стратегии безопасности и учреждению в Ашхабаде Институт нейтралитета и безопасности.

В силу специфики упомянутого университета особое внимание было уделено возможному взаимодействию по вопросам продвижения политики нейтралитета, доказывающую свою актуальность в нынешних условиях нестабильной международной обстановки. В этом контексте рассмотрены возможности проведения совместных тематических мероприятий на женевской площадке, также достигнута договоренность проведения очередных переговоров в Ашхабаде.

## Türkmenistanyň wekiliýeti «Merkezi Aziýa – Italiýa» formatyndaky ministrler konferensiýasyna gatnaşdy

2024-nji ýylyň 29-njy maýynda Rim şäherinde «Merkezi Aziýa Italiýa» formatyndaky ministrler konferensiýasy geçirildi. Çärä Merkezi Aziýa ýurtlarynyň, Italiýanyň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary, Ýewropa Bileleşiginiň wekilleri gatnaşdylar. Türkmenistanyň wekiliýetine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň



Orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow ýolbaşçylyk etdi.

Daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary, husus-da sebitleýin hem-de ählumumy durnuklylygy saklamak we pugtalandyrmak meselesinde, halkara giňişliginde özara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we geljegini ara alyp maslahatlaşdylar.

Öz çykyşynde Türkmenistanyň Daşary işler ministri R.Meredow parahatçylygy we durnuklylygy ösdürmegiň täsirli guraly hökmünde türkmen Bitaraplygynyň ýokary ornuny belläp, sebit howpsuzlygy, ekologiýa, ulag, suw serişdelerini dolandyrmak, geçiş energiýasy we medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy meselelerine aýratyn üns berdi.

Ýokarda agzalan forumyň çäklerinde üç sany tematiki bölümçeler geçirildi: «Geçiş energiýasy we ählumumy çagyryşlar», «Baglanşyk» и «Ýokary bilim we bilim ulgamlary».

Taraplar «Merkezi Aziýa Italiýa» formatynyň çäklerinde ulgamlaýyn esasda hyzmatdaşlyk etmäge taýýarlygy beýan etdiler. Şu nukdaýnazardan orta möhletli hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamaga ylalaşdylar.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Визит делегации Туркменистана в Азербайджан для участия в открытии Центра туркменской литературы имени Махтымкули*

29 мая 2024 года в рамках рабочего визита в Азербайджан для участия в Церемония открытия Центра туркменской литературы имени Махтымкули Фраги в Азербайджанской Республике туркменская делегация во главе с президентом Академии наук Туркменистана Аллаберды Ашировым, посетила Институт рукописей имени Мухаммеда Физули Национальной академии наук Азербайджанской Республики.

Научные сотрудники института ознакомили туркменскую делегацию с тремя рукописями туркменского поэта-ученого Махтымкули Фраги, хранящиеся как ценная сокровищница в этом институте, и подробно рассказали об истории обнаружения этих рукописей.

### *Олег Кононенко стал первым в истории, кто провёл в космосе 1000 суток*

5 июня 2024 года общее время пребывания в орбитальных полетах российского космонавта Олега Кононенко достигло 1 тысячи суток. Это новый рекорд в истории пилотируемой космонавтики. В настоящее время Кононенко находится на Международной космической станции (МКС) и совершает свой пятый полет в космос.

«Сегодня в 00:00:20 по московскому времени космонавт Госкорпорации «Роскосмос» Олег Кононенко, работающий на Международной космической станции, впервые в мире набрал 1000 суток по суммарной длительности космических полетов», – говорится в сообщении Роскосмоса.

На сегодняшний день в десятке первых по суммарному нахождению в космосе девять россиян и один американец.

Олег Кононенко - Герой Российской Федерации и Герой Туркменистана, имеет множество других званий и наград.

### *Делегация Туркменистана участвует в работе Боннской Конференции по изменению климата*

С 3 июня 2024 года делегация Туркменистана во главе с Заместителем министра охраны окружающей среды Туркменистана Н.Джумашова участвует в работе Боннской Конференции по изменению климата.

В работе конференции принимают участие представители министерств и природоохранных ведомств стран сторон Рамочной конвенции ООН об изменении климата (РКИКООН), международных организаций, научных кругов. Делегаты из 198 стран встретились в Бонне для обсуждения вопросов подготовки к следующей конференции РКИКООН (COP-29), которая пройдет с 11 по 22 ноября в Баку.

Выступая в пленарном заседании, туркменская сторона озвучила инициативу Туркменистана по созданию Регионального центра климатических технологий для Центральной Азии под эгидой ООН в Ашхабаде, подчеркивая его значимость и своевременность.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***